«TASSYKLAÝARYN»
Aba Annaýew adyndaky Halkara
atçylyk akademiýasynyň rektory
__________P.Baýramdurdyýew

«14» oktýabr 2024ý.

# Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň gurnamagynda ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyp ýaşlarynyň arasynda «Magtymguly Pyragy – göwünleriň çyragy» ady bilen düzme ýazmak boýunça geçiriljek bäsleşigiň

# DÜZGÜNNAMASY

Dünýäde her bir halk öz milli gymmatlyklary, mirasy, medeniýeti, sungaty, edebiýaty bilen tanalýar. Ynsan aňyýetini ösdürmekde, hoşniýetli gatnaşyklary berkitmekde nusgawy edebiýatyň we sungat eserleriniň ähmiýeti örän uludyr. Nusgawy edebiýat halkyň medeniýeti, dil baýlygy bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Sebäbi edebi eserlerdäki dil baýlygy, çeperçilik, çuňňur pikirler halkyň medeniýetinde, ýaşaýyş durmuşynda öz beýanyny tapýar.

«Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda nusgawy edebiýatymyzy ylmy esasda öwrenmek we ýaş nesillere öwretmek asylly ýörelgä öwrüldi. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallasy bilen akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň döredijiligi dünýäde giňden wagyz edilýär. Çünki dana şahyrymyzyň şygyrlary dünýä edebiýatynda hem öçmejek yz galdyrdy. Bu ajaýyp eserler ähli adamzady ýagşylyga, hoşniýetli ýörelgelere çagyrýar.

Magtymguly Pyragy özüniň gaýtalanmajak döredijiligi bilen türkmen ruhunyň synmajak sütünine öwrülip, dünýä edebiýatynyň altyn hazynasynda hemişelik orun aldy. Akyldar şahyryň döredijiligi bütin durky, kalbynyň joşguny, ähli pikirleri bilen, ilkinji nobatda, türkmen halky we onuň ykbaly bilen baglydyr.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe nusgawy şahyrymyzyň doglan gününiň 300 ýyllygyny dabaralandyrmak, döredijiligini giňden wagyz etmek maksady bilen, dünýä nusgalyk işler durmuşa geçirilýär. «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň gurnamagynda ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyp ýaşlarynyň arasynda «Magtymguly Pyragy – göwünleriň çyragy» ady bilen düzme ýazmak boýunça bäsleşik geçirilýär.

# I.BÄSLEŞIGIŇ MAKSADY

«Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň gurnamagynda ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyp ýaşlarynyň arasynda «Magtymguly Pyragy – göwünleriň çyragy» ady bilen düzme ýazmak boýunça geçiriljek bäsleşigiň esasy maksady Magtymguly Pyragynyň döredijiligini giňden wasp etmekden, talyp ýaşlaryň döredijilik ukyplaryny kämilleşdirmekden, özbaşdak pikirlenmegi, pikirlerini ýazmaça beýan etmegi, özbaşdak işlemegi, öňde goýlan meselelerden baş alyp çykmagy, zehinli we ukyply ýaşlary ýüze çykarmak, olaryň döredijilik başarnyklaryny ýokarlandyrmakdan ybaratdyr.

# II. BÄSLEŞIGI GEÇIRMEGIŇ TERTIBI

1. Bäsleşik 2024-nji ýylyň 21-nji noýabrynda 14:00-da Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynda geçirilýär;
2. Bäsleşik ýurdumyzyň ähli ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda geçirilip her ýokary okuw mekdebinden sany 3-den köp bolmadyk talyp gatnaşyp biler;
3. Bäsleşige gatnaşjak talyplaryň sanawyny ýokary okuw mekdepleriniň ýolbaşçysynyň goly bilen tassyklanan resmi hat arkaly 2024-nji ýylyň noýabr aýynyň 15-ne çenli Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasyna ibermeli;
4. Bäsleşige gatnaşmaga hödürlenilýän talyplar baradaky maglumatyň elektron görnüşini goşunda laýyklykda taýýarlap, *haa.ylym@gmail.com* salgysyna 2024-nji ýylyň noýabr aýynyň 15-ne çenli ibermeli.

# III. BÄSLEŞIGIŇ ŞERTLERI

1. Bäsleşik şahsy bäsleşik tertibinde geçirilýär;
2. Düzme türkmen dilinde, bäsleşige gatnaşyjy tarapyndan özbaşdak, elde ýazylmalydyr;
3. Düzme öň hiç ýerde çap edilmedik we hiç ýerden göçürilmedik bolmalydyr;
4. Düzmäniň söz sany 400-600 söz aralygy bolmalydyr;
5. Düzme ýazmak üçin hödürleniljek temalar Magtymguly Pyragynyň döredijiliginiň dürli ugurlaryna degişli bolup, bäsleşik güni bije arkaly kesgitlener;
6. Berlen wagtdan gijä galan ýa-da düzgünnama laýyk gelmeýän düzmeler hasaba alynmaýar;
7. Bäsleşige degişli goşmaça soraglary Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň Ýaş alymlar Geňeşine ýüz tutup öwrenip bilersiňiz (habarlaşmak üçin +99365969287).

# IV. BÄSLEŞIGIŇ JEMLENILIŞI

1. Bäsleşigiň jemleri baradaky maglumat Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň *ihba.edu.tm* saýtynda ýerleşdiriler;
2. Bäsleşigiň netijeleri boýunça ýeňijilere degişlilikde I, II, III orunlar beriler we Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň adyndan diplomlar gowşurylar.

*Goşundy*

| T/b | Talybyň familiýasy, ady we atasynyň ady | Okaýan ýokary okuw mekdebiniň ady | Fakulteti, hünäri we ýyly |
|---|---|---|---|
| 1. | | | |
| 2. | | | |
| 3. | | | |

Ýolbaşçy mugallym (familiýasy, ady, atasynyň ady, wezipesi):
Telefon belgisi:
Elektron poçta: